Bahar paslynyň gelmegi bilen türkmen tebigaty gözel keşbe girýär. Türkmenistan döwletimiziň tebigaty baý hem özboluşlydyr. Diýarymyzda daşky gurşawa aýawly çemeleşmek Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde tokaý zolaklaryny döretmek, seýilgähleri giňeltmek baradaky başlangyçlar halkymyz tarapyndan giň goldawa eýe bolýar. Ýurdumyzyň tebigat gözelligi durmuşymyza ýaraşyk berýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda her ýylda bag ekmek möwsümlerinde köpçülikleýin bag nahallaryny, saýaly we pürli agaçlaryň nahallaryny oturtmak dabaralary asylly däbe öwrüldi. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başda durmagynda ajaýyp tebigatymyzy öwrenmek, goramak, ony baýlaşdyrmak meselelerine uly üns berilýär. Ýurdumyzyň şäherlerini, obalaryny gülläp ösýän bagy-bossanlyga öwürmek boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirilýär.

Tebigat gözelliklerini gorap saklamak we ösdürmek babatda alnyp barylýan tutumly işler watanmyzyň, tutuş sebitiň ekologiýa derejesini gowulandyrýar. Halkymyzyň milli guwanjy we buýsanjy hasaplanýan gözel türkmen tebigaty umumyadamzat nesliniň gymmatly tebigy mirasydyr. Tebigat bilen adam aýrylmaz baglanyşyklydyr. **Tebigat** – bu gözelligi, mähremligi babatda hiç bir zat bilen çalşyp bolmaýan mukaddeslikdir. Şonuň üçin gözel tebigatymyzy goramak, arassa saklamak, oňa aýawly çemeleşmek, gözelleşdirmek biziň her birimiziň mukaddes borjumyzdyr.

**Merdan MÄMMEDOW**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024